*Courtesy translation provided by ICMPD

# ICMPD ÜPJÜN EDIJINIŇ HÄSIÝETINIŇ KADASY

**Helsinki jemleýji kanuny we Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy**: Helsinki Jemleýji Kanunynda we Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Düzgünnamasynda berkidilen, ähli gymmatlyklaryny öz içine alýan adamyň esasy hukuklaryny, jemgyýetçilik adalatlylygy we adam mertebesine hormat goýmak, şeýle hem erkekleriň we aýallaryň deň hukuklaryna hormat goýmak, ICMPD[1] üçin harytlary we hyzmatlary üpjün edijiler tarapdary bolmagy gerek.

**Halkara zähmet konwensiýalary we teklipleri**: BMG-nyň ýöriteleşdirilen üç taraplaýyn guramalary, Halkara Zähmet Guramasy (HZG) taraplaryndan bellenilen Halkara Zähmet kadalary (konwensiýalar we teklipler) Üpjün edijiniň häsiýetiniň kadasynyň esasy hökmünde köp bölegi bolup hyzmat etdi.

ICMPD, önüm ýa-da hyzmatlar hödürleýän islendik üpjün ediji, Helsinki jemleýji kanunyň[2] gymmatlyklarynyň we BMG Düzgünnamasyn üstüne, 4-9[3] bölümlerinde aşakda beýän edilen, halkara zähmet standartlarynyň ýörelgeleriniň esaslaryny eýerjekdigini garaşýar.

## 1. Ulanyşyň çäkleri

Häsiýetiniň kadasynyň düzgünleri, ICMPD-de hasaba alnan ýa-da olar bilen iş çalşýan ähli üpjün edijilerden, ICMPD tarapyndan garaşylmalary kesgitleýär. ICMPD bu ýörelgeler üpjün edijilere we olaryň işgärlerine, esasy, golçur ýa-da dahylly guramalaryna we kömekçi potratçylaryna ulanyljakdygyny garaşýar. ICMPD üpjün edijilerden Häsiýetiniň kadasyny işgärlerine, esasy, golçur we dahylly guramalaryna, şeýle hem islendik kömekçi potratçylaryna habar berilmegine şeýle hem ýerli dilinde we hemmeler tarapyndan düşnükli görnüşinde ýaýratmagyny üpjün ediljegini garaşýar.

## 2. Üznüksiz kämilleşdirmek

Şu Häsiýetiniň kadasynda beýän edilen düzgünler, ICMPD-niň üpjün edijilerden garaşylýan iň az standartlaryny kesgitleýär. ICMPD üpjün edijiler tarapyndan halkara we pudaklaýyn öňdebaryjy tejribeden ýokary geçmäge garaşýar. Şeýle hem, ICMPD-niň üpjün edijileri tarapyndan öz üpjün edijileri we kömekçi potratçylary bilen şu Häsiýetiniň kadasynyň ýörelgelerine laýyk gelmekleri üçin höweslendirjekdigini we iş geçirjekdigini garaşýar. ICMPD Häsiýetiniň kadasynyň şertlerinde kesgitlenen käbir ülňülere ýetmeklik statiki proses däldigini, dinamiki bolandygyny ykrar edýär we üpjün edijileriniň iş ýerlerini yzygiderli kämilleşdirmeklige höweslendirýär.

## 3. Dolandyryş, gözegçilik we baha bermek

Üpjün edijiler, iň bolmanda, şu Häsiýetiniň kadasynda görkezilen standartlaryna laýyk gelmeginiň anyk maksatlaryny kesgitlejekdiklerini garaşylýar. ICMPD üpjün edijilerinden, şu Häsiýetiniň kadasynyň mazmuny bilen baglanyşykly degişli dolandyryş ulgamlaryny dörediljekdigini we goldajakdyklaryny, we olar öz iş amallaryny şu Kadada görkezilen ýörelgelere laýyk gelýändigine kesgitlejekdiklerini, gözegçilikde saklajakdyklaryny we kämilleşdirjekdiklerini garaşýar.

---

[1] Bu Häsiýetiniň kadasynda ICMPD adalga Migrasiýa Syýasatyny Ösdürmek boýunça Halkara Merkezi aňladýar

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk konferensiýasynyň VII, VIII, Jemleýji Kanunyň 1 (a)-nji Maddasy[2], Döwlet ýa-da hökümet baştutanlarynyň 1-nji sammiti, Helsinki.

[3] HZG konwensiýalarynyň we teklipleriniň doly tekstlerine şu salgydan alyp bilersiňiz: http://www.ilo.org/global/standards/lang--en/index.htm.

**Zähmet:**

**4. Birleşikleriň azatlygy we köpçülikleýin gepleşikler**

ICMPD üpjün edijilerden işçileriň erkin ulanýan hukugyny tapawutlandyrmazdan ykrar etmegine, öz bähbitlerini goramaga we köpçülikleýin gepleşikleri geçirmäge, kärdeşler arkalaşyklarynyň işini alyp barmak we köpçülikleýin gepleşikler hukugyny ýerine ýetirmek babatynda bu işgärleriň hukuklaryny iş bilen baglanyşykly islendik hereketden ýa-da başga hukuklary kemsitme görnüşinden goramagyna garaşýar.[4]

**5. Mejbury ýa-da hökmany zähmet**

ICMPD üpjün edijilerinden mejbury ýa-da hökmany zähmetiniň ähli görnüşlerini gadagan etmegine garaşýar.[5]

**6. Çaga zähmeti**

ICMPD üpjün edijilerinden görkezilenleri işe kabul etmejeklerine garaşýar: (a) 14 ýaşdan kiçi çagalar ýa-da ondan ýokary bolsa, onda doly ýa bölekleýin şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýurdyň kanuny tarapyndan rugsat edilýän zähmet ýäşyň iň pes derejesi, ýa-da degişli ýurdyň hökmany okuwyny tamamlaýan ýaşy, haýsysy ýokary bolsa; we (b) 18 ýaşyna ýetmedikler, öz häsiýeti ýa-da ýagdaýy boýunça adamlaryň saglygyna, howpsuzlygyna ýa-da ahlagyna zyýan ýetirip biljek zähmet.[6]

**7. Hukuklary kemsitme**

ICMPD üpjün edijilerinden, jyns, reňk, din, syýasy pikiri, milli gelip çykyşy ýa-da jemgyýetçilik gelip çykyşy boýunça şertnamanyň doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetirilýän ýurdyň ýa-da ýurtlaryň kanunçylygyna laýyklykda ykrar edilip bilinjek beýleki sebäplere görä deňligini üpjün edip biljekdiklerini garaşýar.[7]

**8. Aýlyk, iş wagty we beýleki iş şertleri**

ICMPD üpjün edijilerden aýlyk zähmet haklaryny kanuny töleg serişdesi arkaly, bir aýdan köp bolmadyk, wagtly-wagtynda doly we gönüden-göni zähmet çekýän işgärlerine tölemegini üpjün edilmegini garaşýar. Üpjün edijiler degişli tölegleriň hasabatyny ýöretmelidirler. Zähmet haklaryndan tutumlar diňe ulanylýan kanunlarda, kadalarda ýa-da köpçülikleýin şertnamanyň şertlerine laýyklykda rugsat edilýär we üpjün edijiler her töleg wagtynda şeýle tutumlar barada zähmet çekýän işgärlerine habar bermeli. Zähmet haklary, iş sagatlary we beýleki zähmet şertleri, ýerli derejede köp duş gelýän iň oňaýly şertlerinden pes bolmaly däldir (ýagny bellenilşi ýaly: (i) iş berijileriň we işçileriň köp bölegini öz içine alýan köpçülikleýin şertnamalar; (ii) arbitraž çözgütler ýa-da (iii) ulanylýan kanunlar ýa-da düzgünler), işiň şol bir häsiýetine, degişli pudagynda ýa-da ýerli pudagynda ýerine ýetirilýän işler.[8]

---

[4] Bu ýörelgeler, Halkara Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Esasy Konwensiýalarynda, №87, Birleşmek azatlygy we Guramak hukugyny goramak, 1948 we №98, Guramaçylyk we köpçülikleýin şertnama, 1949.

[5] Bu ýörelge, Halkara Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Esasy Konwensiýalarynda, No29, Mejbury zähmet, 1930 we No105, Mejbury zähmetiň ýatyrylmagy, 1957-nji ýylda kesgitlenildi.

[6] Bu ýörelgeler, №138 belgili fundomental konwensiýalarynda kesgitlenildi, Iň pes ýaş, 1973 ýyl we №182, Çaga zähmetiniň iň erbet görnüşleri, 1999 we BMG-nyň Çaga hukuklarynyň konwensiýasynda kesgitlenildi.

[7] Bu ýörelgeler, Halkara Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Esasy Konwensiýalarynda, No100, Deň hak tölemek, 1951 ýyl we №111, Diskriminasiýa (Iş we kär), 1958-nji ýylda kesgitlenildi.

[8] Bu ýörelgeler Halkara Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 95-nji konwensiýasynda, Aýlyklary goramak, 1949-njy we 94-nji belgili, Zähmet düzgünleri (Jemgyýetçilik şertnamalary), 1949-njy ýylda we iş wagtyna degişli birnäçe konwensiýada kesgitlenendir (http://www.ilo.org/global/standards/subjects-covered-by-international-labour- standards/working-time/lang-- en/index.htm)

**9. Saglyk we howpsuzlyk**

ICMPD üpjün edijilerden, mümkin boldugyça indikileri üpjün etmegine garaşýar: (a) gözegçilik astyndaky iş ýerleri, ulaglary, enjamlary, we amallary howpsuz bolmagyny we saglyga howpy salmajakdygyna; (b) himiki, fiziki we biologiki maddalar we gözegçilik astyndaky serişdeler, degişli gorag çäreleri ýerine ýetirlende saglyga howp salmaýar; (c) zerur bolan ýagdaýynda heläkçilik ýa-da saglyga ýaramaz täsirleriň öňüni almak üçin ýeterlik derejede gorag eşikleri we gorag enjamlary bilen üpjün eder.[9]

**Adam hukuklary:**

**10. Adam hukuklary**

ICMPD üpjün edijilerinden, halkara derejesinde yglan edilen adam hukuklarynyň goralmagyna goldaw bermegine we hormat goýulmagyna we olaryň adam hukuklarynyň bozulmagyna gatnaşmazlygyna garaşýar.[10] Hususan-da, ICMPD üpjün edijileri we olaryň işgärleri gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn adam hukuklary baradaky halkara kanunlar we standartlar bilen bir hatarda çaga zähmetiniň, adam söwdasynyň we adam söwdasynyň işi bilen meşgullanmazlar.

**11. Yzarlanmak, gödek ýa-da adamkärçiliksiz gatnaşyk**

ICMPD üpjün edijilerinden ähli işgärlerine, zorluk, jynsy taýdan ekspluatasiýa ýa-da hyýanatçylyk, dilden ýa-da psihologiki çetleşdirmek ýa-da kemsitmek ýaly howplaryny ulanylmajakdygyny şeýle hem mertebeli we hormatly gurşawy döretmäge we goldamaga garaşýar. Hiç hili gödek ýa-da adamkärçiliksiz çemeleşmek, mejbur etmek ýa-da dürli görnüşli jeza bermeklige ýol berilmeýär, deň derejede şeýle gatnaşyklaryň emele geljeginiň howpyna ýol berilmeýär.

**12. Minalar**

ICMPD üpjün edijilerinden işgärlere garşy minalary ýa-da işgärlere garşy minalary öndürmekde ulanylýan böleklerini satmak ýa-da öndürmek bilen meşgullanmazlygyny garaşýar.

**Daşky gurşaw:**

**13. Ekologiýa**

ICMPD üpjün edijilerden daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly bar bolan kanunlary we düzgünleri berjaý etmegine garaşýar. Üpjün edijiler, mümkin boldugyça daşky gurşaw meselelerine seresaply çemeleşmäni goldamaly, daşky gurşaw jogapkärçiligini öňe sürmeli we sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa geçirýän ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalaryň ýaýramagyny höweslendirmeli.

**14. Himiki we howply materiallar**

[9] Bu ýörelgeler, Halkara Hyzmatdaşlyk Guramasynyň konwensiýalarynda, tekliplerinde we tejribe kodlarynda kesgitlenendir: http://www.ilo.org/global/standards/subjects-covered-by-international-labour-standards/occupational-safety- andhealth/ lang--en/index.htm.

[10] Bu ýörelgeler Adam hukuklarynyň ähliumumy Jarnamasyndan (UDHR) alnan we Birleşen Milletler Guramasynyň Bütindünýä Ylalaşygynda kesgitlenendir (http://www.unglobalcompact.org/Issues/human_rights/index.html)

Daşky gurşawa howp döredýän himiki we beýleki materiallar kesgitlenmeli we degişli derejede howpsuz gaýtadan işlenilmeli, olaryň dolanşygyny, saklanylmagyny, gaýtadan işlenilmegi ýa-da gaýtadan ulanylmagyny üpjün etmeli.

15. **Lagym suwlar we gaty galyndylar**

Önümçilik proseslerinden we arassaçylyk desgalaryndan emele gelýän hapa suwlar we gaty galyndylar, zyňylmazdan ýa-da gaýtadan işlenilmeginden ozal talap edilişi ýaly gözegçilik edilmelidir, gözegçilikde saklanmalydyr.

16. **Howa zyňyndylary**

Uçýan organiki himiki maddalaryň, aerozollaryň, poslaýjy maddalaryň, gaty bölejikleriň, ozonyň gatyna zyýan ýetirýän himiki maddalarynyň we ýangyç önümleriniň esasynda emele gelenleri çykarylmazdan ýa-da ýok edilmezden öň talap edilişi ýaly häsiýetlendirilmeli, gözegçilikde saklanmaly we işlenilmeli.

17. **Galyndylary azaltmak, gaýtadan işlemegi köpeltmek**

Suw we energiýa ýaly ähli görnüşleriň galyndylaryny önümçilik prosessinin üýtgedilmegi usulynda, tehniki hyzmat edilmegi we enjamlary, materiallary çalşyrylmagy, konserwasiýa, gaýtadan işlemek we materiallaryň gaýtadan ulanmagy ýaly çeşmelerinde azaldylmaly ýa-da ýok edilmeli.

**Etiki häsiýet:**

18. **Korrupsiýa**

ICMPD üpjün edijilerinden iň ýokary ahlak we etiki kadalaryny berjaý etmegine, ýerli kanunlara hormat goýmagyna we haýsydyr bir korrupsiýa amallaryna gatnaşmazlygyna, şol sanda mejbur edip almak, galplyk, para bermek ýaly hereketleri bilen çäklenmeýär.

19. **Gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy**

ICMPD üpjün edijiler, ICMPD bilen şertnama esasynda haýsydyr bir ICMPD işgäri ýa-da hünärmeni, üpjün ediji bilen ykdysady gatnaşyklar ýeňilleşdirmek üçin, üpjün edijiniň işine ýa-da islendik görnüşinde gyzyklanma bildirse, bu wakany ICMPD-ä aýan etmegine garaşylýar.

20. **Sowgatlar we myhmansöýerlik**

ICMPD üpjün edijileri, ICMPD bilen işini ýeňilleşdirmek üçin mugt harytlar ýa-da hyzmatlar, iş ýa-da söwda mümkinçiligi ýaly haýsydyr bir peýdany teklip etmezlige garaşýar.

ICMPD sport ýa-da medeni çärelere çakylyklary, dynç alyş ýa-da beýleki dynç alyş syýahatlaryny, ulaglary ýa-da günortanlyk we agşamlyk naharyna çakylyklary kabul etmeýär.

**Bu ýörelgelere boýun etmezlik, ICMPD üpjün edijisi hökmünde bellige alynmaga ýa-da ulanylýan ICMPD syýasatlaryna we düzgünlerine laýyklykda ICMPD bilen söwda etmäge hukugynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny göz öňünde tutmak üçin esas bolar.**

**ICMPD üpjün edijilerine şu Häsiýetiniň kadasynda görkezilen ýörelgelere laýyklykda iş tejribesini gowulandyrmagy çagyrýarys.**